# Jaýla meni

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Jaýla meni JAÝLA MENI

Öňem ýetik dünýäň aly,
Sözleriňde al bolmasyn.
Bu durmuşyň ummanynda,
Ýüze bilmen, sal bolmasaň.

Şygyr ýazsam setirlerme,
Ylham berýän joş bolmasaň.
Bilbil kimin perwaz ursam,
Perwazymdan hoş bolmasaň.

Ömür atly gülýakamda,
Sen ýeke-täk gaş bolmasaň.
Sen ýaz bolsaň, öte geçsem,
Zerur çagy gyş bolmasaň.

Arman çeker yşkym yşka.
Gözlämde gel, giç bolmasyn.
Altyn-kümüş agdyk bolar,
Emma baham hiç bolmasyn.

Isleglerme seňrik ýygryp,
Däli-telbe saýma meni.
Daşyňda selpäp ýadadym,
Gursagyňda jaýla meni.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular